Türkmenistanyň Statistika
baradaky döwlet komitetiniň
2019-njy ýylyň 18-nji noýabryndaky
№ 126 buýrugy bilen tassyklanyldy

**№ 1–hyzmat (oba hojalygy) «Oba hojalyk hyzmatlary barada hasabat» aýlyk döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**
**GOLLANMA**

№ 1–hyzmat (oba hojalygy) **«Oba hojalyk hyzmalary barada hasabat»** döwlet statistik formany oba hojalyk önümlerini öndürijilere dürli görnüşli oba hojalyk hyzmatlaryny edýän ministrlikler we pudak edaralary tabşyrýarlar.

Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2012-njy ýylyň 28-nji dekabryndaky 174 (TDS 695-2012) belgili buýrugy bilen tassyklanan Türkmenistanyň Önümleriniň klassifikatorynyň esasynda ekerançylyk we maldarçylyk hyzmatlarynyň (işleriniň) sanawy görkezilýär.

01-nji setirde 2-nji we 4-nji sütünleri **«Oba hojalygy ulgamyndaky hyzmatlar, jemi»** ýerine ýetirilen işleriň (hyzmatlaryň) möçberi görkezilýär. **01-nji setirde:** ekerançylyk (**02 setir**) we maldarçylyk (**11 setir**) ulgamlarynda ýerine ýetirilen işleriň (hyzmatlaryň) möçberi kesgitlenýär, GGS-ny (goşulan gymmata salgyt) we subsidiýalary hasaba almazdan, hereket edýän we deňeşdirilen nyrhlarda jemi görnüşinde kesgitlenip görkezilýär.

03-10, 12-19, 21-25, 28-36, 38-39, 43-45, 47-49, 52-53 we 55-56 setirler boýunça 1-nji sütünde ýerine ýetirilen işleriň (hyzmatlaryň) birligiň nyrhy ortaça ölçerilen kesgitleme (formula) esasynda hasaplanýar.

***Mysal üçin,*** meýdan işleriniň hyzmatlary boýunça ýerine ýetirilen işleriň (hyzmatlaryň) birliginiň ortaça ölçerilen nyrhy.

| Işleriň (hyzmatlaryň) görnüşleri | Ýerine ýetirilen işleriň möçberi, ga | 1 ga üçin nyrhy,* manat | Umumy ýerine ýetirilen hyzmatlaryň möçberi, manat (süt.1 x süt.2) | Meýdan işleriň (hyzmatlaryň) 1 ga üçin ortaça ölçerilen nyrhy, manat (∑süt.3/∑süt.1) |
|---|---|---|---|---|
| A | 1 | 2 | 3 | 4 |
| 1. Sürüm | 10 | 14,2 | 142 | |
| 2. Tekizlemek | 10 | 9,3 | 93 | |
| 3. Diskli boronalamak (çizellemek) | 10 | 8,1 | 81 | |
| 4. Gerş çekmek | 10 | 6,6 | 66 | |
| **Jemi** | **40** | | **382** | **9,55** |

______

* degişli ministrlikler (pudak edaralary) tarapyndan tassyklanan “Oba hojalyk işleriniň (hyzmatlarynyň) sanawynda” görkezilen nyrhlar (tarifler) bilen gabat gelmeli.

Meýdan işleriniň (hyzmatlarynyň) 1 ga üçin ortaça ölçerilen bahasy = 382/40 = 9,55 manat

02-nji setirde 2-nji we 4-nji sütünleri **«Ekerançylyk ulgamyndaky hyzmatlar»** – ekerançylyk hyzmatlarynyň ähli görnüşleri görkezilýär. Bu görkezijiniň peşgeş ýa-da şertnama baglanyşylyp edilýän gaýry hyzmatlaryň görnüşlerini goşmak bilen we formada görkezilen sanawa laýyklykda 03-10 setirlerini goşup görkezilip hasaplanýar.

Bu topar: ekerançylyk önümini ýerleşdirmek hyzmatlaryny, agronomlaryň we oba hojalyk ykdysatçylarynyň hyzmatlaryny, baglaryň, seýil baglarynyň we sport meýdançalaryny meýilleşdirmekligiň, ösümliklerden süýüm taýýarlamak bilen baglanşykly we oba hojalyk sergisiniň guramaçylyk hyzmatlaryny öz içine almaýar.

03-nji setirde 2-nji we 4-nji sütünleri «**Meýdan işleri boýunça hyzmatlar (açyk toprakda ekilen gök önümleri goşmazdan)**» – meýdan işlerinde edilýän hyzmatlaryň ähli görnüşleri görkezilýär. Bu görkeziji ekinçilikde peşgeş ýa-da şertnama baglanyşylyp edilýän hyzmatlaryň ähli görnüşlerini: ýerleriň bejeriş işleri, ekişe taýýarlygy, ekiş we oturtma işleriniň geçirilmegi, hasylyň ýygnalyşy, ekinleriň hasyldan soň gutarnykly işleriniň hyzmatlary, tohumlaryň ekiş hilini barlamak we tohumlary guratmak, arassalamak, seçip-saýlamak, dermanlamak we saklamak hyzmatlary, oba hojalygynyň peýdalanylýan ýerleriň gowulandyrylyş işleri, ekinçilikde gaýry hyzmatlary içine alýar.

04-nji setirde 2-nji we 4-nji sütünleri «**Gök önümleriň şitilini şitilhanalarda ýetişdirmek boýunça hyzmatlar**» – açyk hem-de üsti ýapyk meýdanlarda ýetişdirilen şitilleriň ösdürilip ýetişdirilmegi boýunça ýerine ýetirilen hyzmatlaryň möçberi görkezilýär.

05-nji setirde 2-nji we 4-nji sütünleri «**Defoliantlar, desikantlar arkaly oba hojalyk ekinlerini işläp taýýarlamak hyzmatlary**» – ekinleri mör-möjeklerden goramaklyk boýunça howadan pürkütme işlerini (awiasiýa hyzmatlary) goşmagy bilen ýerine ýetirilen işleriň ähli möçberi görkezilýär.

06-njy setirde 2-nji we 4-nji sütünleri «**Oba hojalyk ekinlerine ýokanç keselleriň ýokuşmagyny we mör-möjekleriň düşmegini barlamak boýunça hyzmatlar**» – ekinleri mör-möjeklere we ýokanç keselleri bilen zäherlenenligini barlamak boýunça ýerine ýetirilen işleriň möçberi görkezilýär.

07-nji setirde 2-nji we 4-nji sütünleri «**Oba hojalyk ekinleriniň kesellerine we mör-möjeklere garşy mehaniki usulda göreşmek boýunça hyzmatlar**» – ýokanç kesellerine we mör-möjeklere garşy ýerine ýetirilen işleriň möçberi görkezilýär.

08-nji setirde 2-nji we 4-nji sütünleri «**Dökünleri taýýarlamak we dökmek boýunça hyzmatlar**» – ähli ýerine ýetirilen agrohimiki hyzmatlaryň möçberi görkezilýär: mineral we organiki dökünleri dökmek, topragy gipsleşdirmek we gaýry işler.

09-njy setirde 2-nji we 4-nji sütünleri «**Täze ýyl arçalaryny ösdürip ýetişdirmek boýunça hyzmatlar**» – täze ýyl arçalaryny ösdürip ýetişdirmek boýunça hyzmatlar, ýerine ýetirilen işleriň möçberi görkezilýär.

10-njy setirde 2-nji we 4-nji sütünleri «**Ekerançylyk ulgamyndaky gaýry hyzmatlar**» – gök önümçilik, gülçülik ulgamynda hyzmatlar we ýapyk toprakda ýetişdirilýän ekinleriň, ot-iýmlerini taýýarlamak, oba hojalygyň peýdalanylýan ýerleri gowulandyrmak, bank hyzmatlaryny, awiýa (uçar) hyzmatlaryny, tohumy we mineral dökünini eltmek, işgärleri gatnatmak we gatnatmagyň başga görnüşleri boýunça hyzmatlar, ekerançylyk önümlerini ýüklemek we düşürmek, ulagly äkitmek hyzmatlaryny, ösümlikleri hapa-haşal otlardan arassalamak, suw hojalyk desgalarynyň ulanylyşynyň meýdanlara suwarylyş suwunyň berilmegini upjün etmek, suwuň duzlyk balansynyň gözegçiligini amala aşyrmak, meýdan ekinlerini ýygymdan soň işläp gutarmak, ýerleri suwarmak, suwaryş ulgamlaryny arassalamak boýunça we başga hyzmatlaryň möçberi görkezilýär.

11-nji setirde 2-nji we 4-nji sütünleri «**Maldarçylyk ulgamyndaky hyzmatlar, jemi**» – formada görkezilen sanawa laýyklykda, maldarçylykda edilýän hyzmatlaryň ähli görnüşleri, gaýry görnüşlerini goşmak bilen görkezilýär we 12-19 setirleriň jemlenme esasynda hasaplanýar.

Bu topar: maldarçylyk önümlerini ýerleşdirmek boýunça hyzmatlaryny, ykdysatçy-agranomlaryň hyzmatlaryny öz içine almaýar.

12-nji setirde 2-nji we 4-nji sütünleri «**şol sanda iri şahly maldarçylyk ulgamyndaky hyzmatlar**» – gara mallary emeli iýmitlendirmegi (sygyrlary sagmak boýunça hyzmatlar, ýaş mallara gözegçilik edilmegi, höwür öküzlere gözegçilik edilmegi, döňuzdarçylykda hyzmatlar we gaýry) ähli ýerine ýetirilen hyzmatlaryň möçberi görkezilýär.

13-nji setirde 2-nji we 4-nji sütünleri «**Dowardarçylyk ulgamyndaky hyzmatlar**» – dowarlara seretmegi boýunça (mallary gyrkmak, garaköli goýundarçylykda deriniň çig maly işläp taýýarlama we gaýry) ýerine ýetirilen hyzmatlaryň möçberi görkezilýär.

14-nji setirde 2-nji we 4-nji sütünleri «**Guşçylyk ulgamynda hyzmatlar**» – guşçylykda ähli ýerine ýetirilen hyzmatlaryň möçberi görkezilýär.

15-nji setirde 2-nji we 4-nji sütünleri «**Maldarçylygyň beýleki pudaklaryndaky hyzmatlar**» – gylýalçylykda, düýedarçylykda, mallaryň başga görnüşlerini köpeltmekde we balçylykda ähli ýerine ýetirilen hyzmatlaryň möçberi görkezilýär.

16-njy setirde 2-nji we 4-nji sütünleri «**Mallary iýmlemeklige, ot-iýmleri paýla-maklyga, suwa ýakmaklyga taýýarlamak boýunça hyzmatlar**» – mallary iýmlemeklik bilen bagly ähli ýerine ýetirilen hyzmatlar görnüşleri görkezilýär.

17-nji setirde 2-nji we 4-nji sütünleri «**Maldarçylyk önümlerini daşamak boýunça hyzmatlar**» – maldarçylyk önümleriniň daşamaklygy bilen baglanyşykly hyzmatlarynyň möçberi görkezilýär.

18-nji setirde 2-nji we 4-nji sütünleri «**Maldarçylykda gaýry işleri geçirmek boýunça hyzmatlar**» – mallary bakmak we soýmak hyzmatlary, mallaryň tohumyny gowulandyrmak bilen baglanşykly hyzmatlary, işgärleri gatnatmak, ot-iýmleri, suwy daşamak, deri almak, mallary suwa ýakmak, mallary ýerleşdirmeklige taýýarlyk, fermalary toplumlaýyn mehanizmleşdirmek boýunça hyzmatlar we başga toplumlara girizilmedik maldarçylyk ulgamyndaky hyzmatlar görkezilýär.

19-njy setirde 2-nji we 4-nji sütünleri «**Weterinar hyzmatlary**» weterinar hyzmatlaryň ähli möçberi görkezilýär: weterinar kesel bejeriş öýlerinde öý we oba hojalyk haýwanlaryna (haýwanat baglaryndaky haýwanlary we sütük ýa-da beýleki önümleri almak üçin köpeldilýän haýwanlary goşmak bilen) edilýän stasionar ýa-da stasionar däl saglygy goraýyş, hirurgiýa we stomatologiýa hyzmatlary. Bu hyzmatlar haýwanlaryň saglygyny bejermekden, gaýtadan dikeltmekden we (ýa-da) goldamakdan ybarat;

- weterinar kesel bejeriş öýleriniň, barlaghanalaryň hyzmatlary, tehniki hyzmatlar, iýmitlendirmek boýunça hyzmatlar (ýörite berhizleri goşmak bilen) we gaýrylar. Bu setire iýmit önümleriniň öndürilişine degişli weterinar-arassaçylyk ekspertizasy we gözegçiligi boýunça hyzmatlar goşulmaýar.

20-25-nji setirlerinde 2-nji we 4-nji sütünleriň «**Awçylyk, aw haýwanlaryny tutmak we köpeltmek bilen baglanyşykly hyzmatlar**» aşakdakylar goşulýar: oňyn ýagdaýda aw edilýän ýerleri öwrenmek we ýaramly ýagdaýda saklamak boýunça hyzmatlar; dürli maksatlar bilen haýwanlary tutmak boýunça hyzmatlar; ýabany haýwanlary ýaramly derejede saklamak boýunça hyzmatlar (olaryň atylyp alynmagyny goşmak bilen); aw ýabany haýwanlary goramak we örňetmek boýunça hyzmatlar; ýabany haýwanlary awlamak, tutmak we köpeltmek ýaýrawyndaky hyzmatlar.

2-nji we 4-nji sütünleriň 26-39 setirlerinde «**Tokaýçylyk, agaç taýýarlaýyş we şular bilen baglanyşykly hyzmatlar**» tokaý hojalygy ýaýrawyndaky hyzmatlary öz içine alýar: şol sanda: agaç ösdürip ýetişdirmek boýunça hyzmatlar (agaç nahallaryny ekmek, göçürmek, selçeňletmek we ş.m.); agaçlara baha kesmek, agaçlaryň goruny bahalandyrmak boýunça hyzmatlar; topragy öwrenmek, ekin materialyna gözegçilik etmek boýunça hyzmatlar; tokaý hojalygyny alyp barmak, tokaý hojalygyny alyp barmagyň aerofoto hyzmatlary; tokaý melioratiw hyzmatlary; tokaýyň awiasion goragy boýunça hyzmatlar; agaç taýýarlamak boýunça gaýry hyzmatlar; tokaýy gaýtadan dikeltmekligi goşmak bilen, tokaý hojalygyny dolandyrmak boýunça hyzmatlar, tokaýçylyk ýaýrawynda gaýry hyzymatlar. Agaç taýýarlaýyş ýaýrawyndaky; şol sanda: agaç taýýarlaýyş ýaýrawyndaky hyzmatlar; tokaýy ýangyndan goramak boýunça hyzmatlar;.

40-56 setirleri 2-nji we 4-nji sütünleri «**Balyk tutmak we balykçylyk boýunça hyzmatlar**» aşakdakylary öz içine alýar: balyk tutmakdaky hyzmatlar: deňiz balykçylygy ýaýrawynda – deňiz suwlarynda balyk tutmak boýunça hyzmatlar; deňiz leňňeç görnüşlileri tutmak boýunça hyzmatlar; deňizde balyk tutmak ýaýrawyndaky gaýry hyzmatlar; süýji suwda balyk tutmak ýaýrawyndaky hyzmatlar - derýalarda, köllerde, suw howdanlarynda balyk tutmak boýunça hyzmatlar; süýji suwda leňňeç tutmak boýunça hyzmatlary; süýji suwda balyk tutmak ýaýrawynda gaýry hyzmatlar; balykçylyk ýaýrawyndaky hyzmatlar: deňiz balykçylygy ýaýrawyndaky hyzmatlar – has ownuk, kiçi we uly balyklary köpeltmek tohumyny almak, ösdürip ýetişdirmek we saklamak boýunça deňiz balyk pitomnikleriniň we balykçylyk fermalarynyň hyzmatlary; deňiz balykçylygyndaky gaýry hyzmatlar (kriwetkalary ösdürip ýetişdirmek we saklamak, balyk melioratiw işleri we ş.m.); süýji suwda balyk ösdürip ýetişdir-mekdäki hyzmatlar - süýji suwda has ownuk, kiçi we uly balyklary köpeltmek, tohumyny almak, ösdürip ýetişdirmek we saklamak boýunça balyk pitomnikleriniň we balykçylyk fermalarynyň hyzmatlary; süýji suwda balyk ösdürip ýetiş-dirilişinäki gaýry hyzmatlar (balyk melioratiw işleri we ş.m.).

**57-nji setirde** Ähli ýerine ýetiirilen hyzmatlarynyň möçberinden GGS maglumaty görkezilýär.

**58-nji setirde** Ähli ýerine ýetirilen hyzmatlarynyň möçberinden subsidiýalar görkezilýär.

**Oba hojalygynyň statistikasy**
**we seljerişi müdirligi**